# Eje

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Eje EJE

Ejejan, men seniñ ýanyña barýan,
Yssy mähriñ bilen kalbym çoýmaga.
Çagalyk döwrüme dolanyp bir gün,
Öñki höwürtgäme ýene gonmaga.

Gurup uzaklarda öz höwürtgämi,
Selçeñlese señ ýanyña barýanym.
Ynjama ejejan mährem gyzyñdan,
Ynha,señ ýanyña ýetip barýaryn.

Nahar-şor diýp, alñasama ejejan,
Diñe señ mähriñden ganmaga geldim.
Çaý-nahara däl-de,seniñ mähriñe,
Gelmedik günlerim suwsanym bilgin…

* * *

Uzakda meñ üçin nan ýapýañ eje,
Sen gyzgyn tamdyra, bagryñy berip.
Menem señ ýanyña howlugýan eje,
Garşyla balañy, gujagyñ gerip.

Ýyljak nanyñ ysy bark urup duran,
Aç gujagñy, menem dolaýyn eje.
Gyzgyn çöregiñem süýjüdir welin,
Ilki señ mähriñden ganaýyn eje.

Ýaşyma bakma-da, bagryña basyp,
Galpaklyja gyzym diýip söýsene.
Ejejan baryñda, seniñ saýañda,
Bu göwnümiñ çagadygyn duýsana.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular